Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi

Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.

#33 (264)
четверг, 14 августа 2025 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА
Международные новости



*Hazaryň türkmen kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler (DÇBÖBD) boýunça üçünji maslahaty ählumumy durnukly ösüşiň bähbidine sebit we halkara derejede hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga möhüm goşant boldy.*

# UMUMY MAKSATLARYŇ BÄHBIDINE NETIJELI DIALOGY PUGTALANDYRYP

Bu maslahat döwlet we hökümet Baştutanlaryny, 100-den gowrak ýurtdan ýokary wezipeli ýolbaşçylary, halkara guramalaryň 50-ä golaýyndan, öňdebaryjy kompaniýalaryň 20-den gowragyndan wekilleri jemläp, dünýä jemgyýetçiliginde uly seslenme döretdi. Forumy we onuň çäklerinde geçirilen köp sanly çäreleri giňden beýan etmek üçin 40-a golaý döwletden köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň 160-dan agdygynyň ýurdumyza gelmegi hem muny aýdyň subut edýär. Forumyň giň wekilçiligi, ýokary guramaçylyk derejesi we hyzmatdaşlyk üçin añrybaş şertleriň döredilendigi ýokary derejeli myhmanlar tarapyndan aýratyn bellenildi. Maslahatyň netijeli işi üçin halkara gatnaşyklaryň ynsanperwer, ykdysady, durmuş, ekologiýa ýaly ugurlardaky möhüm meseleleri, Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň çäklerindäki anyk maksatlarydyr çäreleri öz içine alýan gün tertibi işlenip taýýarlanyldy we kabul edildi.

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty mynasybetli dabaradaky çykyşynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu maslahatyň maksatlarynyň örän giňdigini we ählumumy ähmiýete eýedigini mälim etdi. «Bu maksatlar syýasy, ykdysady, söwda, medeni, ylmy hyzmatdaşlyga halkara derejede itergi bermäge we baýlaşdyrmaga gönükdirilendir. BMG-niň maslahaty umumy erki, jebisligi hem-de netijeli dialogy yzygiderli geçirmäge we hyzmatdaşlyk etmäge ygrarlylygy görkezmäge gönükdirilendir» diýip, Gahryman Arkadagymyz nygtady.

«BMG, dünýäniň onlarça ýurtlaryndan bolan dostlarymyz hem-de pikirdeşlerimiz, abraýly halkara guramalar bilen Türkmenistanda deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň meseleleri, olary çözmegiň ýollary barada garaýyşlarymyzy beýan edýäris. Özi-de döredijilik we deňhukuklylyk, özara hormatlamak hem-de bähbitleri hasaba almak bilen, biziň halklarymyz, adamlarymyz, olaryň häzirki we geljekki durmuşy barada alada etmek bilen, garaýyşlarymyzy beýan edýäris» diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow maslahatyň umumy mejlisinde eden çykyşynda belledi. Döwlet Baştutanymyz foruma gatnaşyjylara DÇBÖBD-ne mahsus zerurlyklar nukdaýnazaryndan, ählumumy abadançylyga gönükdirilen teklipleri beýan etdi. Şolaryň hatarynda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda halkara lukmançylyk diplomatiýasynyň ulgamlaýyn usullaryny ýola goýmagy göz öňünde tutýan «Geljegiň ählumumy lukmançylygy — raýdaşlyk we hyzmatdaşlyk» başlangyjyny görkezmek bolar. Türkmenistanyň durnukly aragatnaşyk ulgamyny kemala getirmegi maksat edinýän hyzmatdaşlyk etmegiň täze görnüşini — Durnukly ulag arabaglanyşygynyň ählumumy atlasyny döretmek barada teklibide DÇBÖBD üçin aýratyn möhümdir. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz 2030 — 2040-njy ýyllar döwri üçin wodorod energetikasyna geçmegiň ählumumy maksatnamasyny döretmek başlangyjyny öňe sürdi hem-de geljek ýyldan başlap, BMG-de şu maksatnamany işläp taýýarlamak meselesini ara alyp maslahatlaşmaga girişmegi teklip etdi. Türkmenistanyň ähli ykdysady işi ekologik standartlar bilen utgaşdyrmagyň zerurdygyndan ugur alýandygyny nygtamak bilen, döwlet Baştutanymyz ýapyk aýlawly (sirkulýar) ykdysadyýete geçmegiň Ählumumy çarçuwaly maksatnamasyny işläp taýýarlamak barada ýurdumyzyň öňe süren teklibine gatnaşyjylaryň ünsüni çekdi. Diňe bir sebit däl, eýsem, ählumumy ähmiýete eýe bolan Hazar we Aral deňziniň meseleleriniň ekologik hem-de durmuş ugurlaryna-da aýratyn üns berildi.

Maslahata gatnaşyjylaryň çykyşlarynda Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek bilen berk bagly bolan DÇBÖBD-niň meselelerini çözmäge halkara raýdaşlyk we ygrarlylyk beýan edildi. Olar forumyň ählumumy häsiýete eýe bolandygyny, 2024-nji ýylyň 24-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen 2024 — 2034-nji onýyllyk üçin deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyny doly goldaýandyklaryny hem-de onuň durmuşa geçirilmegine işjeň gatnaşmaga taýýardyklaryny tassykladylar. Maslahatda DÇBÖBD-niň Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegi babatda öňde durýan kynçylyklary ýeňip geçmekde ozalky Wena maksatnamasynyň netijelerine, hususan-da, sebit hyzmatdaşlygyny giňeltmekde söwda gatnaşyklaryna ýardam bermekde we ulag infrastrukturalaryny ösdürmekde gazanylan üstünliklere baha berildi. Şunuň bilen bir hatarda, BMG bu ýurtlaryň ýüzbe-ýüz bolýan meseleleriniň diňe bir geografik taýdan ýerleşişi bilen däl, eýsem, beýleki möhüm ýagdaýlar bilen baglylykda hem toplumlaýyn häsiýete eýedigini belleýär.

BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterrişiň forumyň açylyş dabarasyndaky çykyşynda nygtaýşy ýaly, bellenen ähli meselelere çözgütleri tapmak maslahata gatnaşyjylaryň öňünde möhüm wezipe bolmalydyr. «Gürrüň diňe bir maksatlaryň täze onýyllygynyň başlanýandygy barada däl, eýsem, Hereketleriň Awaza maksatnamasy we onuň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegi netijesinde deňze çykalgasy bolmadyk döwletleriň mümkinçiliklerini doly açmak barada hem barýar» diýip, Antoniu Guterriş aýtdy. Ol düzümleýin özgertmeleriň çaltlandyrylmagyny, ykdysady diwersifikasiýany, söwdanyň ösdürilmegini we sebit arabaglanyşygyny, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek, maliýe serişdelerini çekmek boýunça çäreleriň güýçlendirilmegini bu işde ileri tutulýan esasy ugurlar hökmünde görkezdi. Şeýle-de ol DÇBÖBD-niň dünýä bazarlaryna çykmagyna ýardam bermäge gönükdirilen sanly özgertmeleriň ähmiýetini, sanly infrastrukturalaryň ösdürilmeginiň, sanly bilimi ýokarlandyrmagyň we bu tehnologiýalara inklýuziw elýeterliligi üpjün etmegiň zerurdygyny belledi. Sanlylaşdyrmak işi, sebit arabaglanyşygy, oýlanyşykly maýa goýum strategiýalary DÇBÖBD-ne dünýä ykdysadyýetiniň möhüm bölegi bolmaga ýardam edip biler. Şunda BMG-niň Baş sekretary deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň üstünliginiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň amala aşyrylmagynda möhüm ähmiýete eýe boljakdygyna ünsi çekdi.

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

# UMUMY MAKSATLARYŇ BÄHBIDINE NETIJELI DIALOGY PUGTALANDYRYP

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

BMG-niň Awazadaky maslahatynda kabul edilen çözgütleriň diňe bir DÇBÖBD üçin däl, eýsem, bütin dünýäniň ösüşi üçin ägirt uly ähmiýete eýedigini BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň Başlygy Filemon Ýang hem nygtady. Ol Baş Assambleýanyň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleri hemişe goldajakdygyny hem-de Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň durmuşa geçirilişiniň barşyna ýyllyk gözegçiligi amala aşyrjakdygyny mälim etdi. Filemon Ýang maksatnamada kesgitlenen wezipeleriň dünýäniň ähli künjeginde erkin üstaşyr aragatnaşygy ýola goýmak üçin esas goýujy gollanma öwrüljekdigine ynam bildirdi. «Adamzadyň parlamenti» hökmünde BMG-niň Baş Assambleýasy degişli ugurdaky öňegidişliklere gözegçilik etmek bilen, toplumlaýyn hasabatlylygy üpjün eder, DÇBÖBD-ne mahsus meseleleri halkara gün tertibiniň üns merkezinde saklar. Baş Assambleýanyň degişli Kararnamasy bilen döredilen, her ýylyň 6-njy awgustynda bellenilýän Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň aýratyn zerurlyklary hem-de ösüş ulgamynda olaryň öňünde durýan aýratyn meseleler barada maglumatlary ýaýratmagyň halkara güni hem muňa ýardam eder.

BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň çäklerinde bu günüň ilkinji gezek bellenilmegine bagyşlanan ýörite brifingdäki çykyşynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow bu günüň diňe bir şanly sene däldigini, onuň aýratyn ähmiýete eýedigini nygtady. Ol okgunly hereket etmäge, deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň geografik taýdan uzakda ýerleşýändikleri hem-de deňze göni çykalganyň ýokdugy sebäpli ýüzbe-ýüz bolýan düzümleýin päsgelçiliklerine ählumumy derejede düşünilmegini çuňlaşdyrmaga çagyryşdyr.

Maslahata gatnaşyjylaryň belleýişleri ýaly, Hereketleriň Awaza maksatnamasy deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň ählumumy ösüş hereketine doly derejede gatnaşmagyna şert döredýän geljegi uly meýilnamalary işläp taýýarlamaga ýardam eder. Strategik «Ýol kartasy» bolup hyzmat etjek bu resminamanyň durmuşa geçirilmegi umumy jogapkärçiligi, ýurtlaryň hem-de halkara maliýe düzümleriň tagallalarynyň utgaşdyrylmagyny talap edýär. Ol bar bolan meseleleri durnukly ösüş üçin mümkinçiliklere öwrüp biler. Maslahatyň özi bolsa ösüşe tarap barýan ýolda gurluş päsgelçiliklerini ýeňip geçmäge çalyşýan 32 ýurt üçin aýgytlaýjy pursat boldy. Bu maksatnama arabaglanyşygy gowulandyrmak, ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak, täze iş orunlaryny döretmek we howanyň üýtgemegine durnuklylygy ýokarlandyrmak üçin ygtybarly meýdança bolmaga gönükdirilendir. Ähli gyzyklanma bildirýän taraplary, şol sanda deňze çykalgasy bolmadyk döwletleri, üstaşyr ýurtlary we ösüş babatda hyzmatdaşlary birleşdirmek bilen, Hereketleriň Awaza maksatnamasy ählumumy ähmiýete eýedir.

BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary Rabab Fatimanyň sözlerine görä, bu maksatnama DÇBÖBD-niň mümkinçiliklerini doly derejede açmak we özgertmeler ýoly bilen olaryň gurluş meselelerini çözmek boýunça gurallary özünde jemleýär. Şunuň bilen baglylykda, Hereketleriň Awaza maksatnamasynyň esasy ýörelgelerini, arabaglanyşyk gurallaryny sebit derejesindäki meýilnamalara we býujetlere girizmegiň möhümdigi bellenildi. Onuň durmuşa geçirilmeginiň ýurtlaryň syýasy wekilleriniň ylalaşmalaryny, inklýuziwligi, jogapkärçiligi talap edýändigi sebäpli, forumda ilkinji gezek ýöriteleşdirilen platformalar — raýat jemgyýeti, hususy pudak, ýaşlar, zenan ýolbaşçylar, parlamentariler we Günorta-Günorta ugry boýunça hyzmatdaşlar üçin meýdançalar işe girizildi. Bu maslahatyň jemleriniň diňe bir sözde beýan edilmek bilen çäklenmän, ýollaryň gurulmagy, söwda geçelgeleriniň döredilmegi we durnukly ösüş babatda daşary döwletlerde gazanylanlaryň ornaşdyrylmagy bilen iş ýüzünde öz şöhlelenmesini tapjakdygyny nygtamak bilen, BMG-niň Baş sekretarynyň orunbasary forumyň baş şygary bolan «tagallalary birleşdirmek» çagyryşy bilen çykyş etdi.

Ulag we sanly arabaglanyşyk bilen baglanyşykly DÇBÖBD-niň anyk meselelerini çözmegiň ýollaryna, howa babatda, halkara söwda işine gatnaşmak bilen bagly kynçylyklara maslahatyň çäklerinde geçirilen forumlarda, “tegelek stoluň” başyndaky söhbetdeşliklerde, ýokary derejeli duşuşyklarda we beýleki ugurdaş çärelerde, şol sanda Türkmenistan tarapyndan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, durnukly energetika, ýapyk aýlanyşykly ykdysadyýete we ýaşlar mowzugyna bagyşlanyp guralan maslahatlaşmalarda giňişleýin seredildi. Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň, halkara guramalaryň arasynda 5-nji awgustda birnäçe ikitaraplaýyn resminamalara gol çekmek dabarasynyň geçirilmegi Awazada guralan maslahatyň iş ýüzündäki netijeleri ugur edinendigini görkezdi. Gol çekilen resminamalaryň hatarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Burkina-Fasonyň Daşary işler, sebitleýin hyzmatdaşlygy we daşary ýurtlarda ýaşaýan burkinalylaryň işleri boýunça ministrliginiň arasynda syýasy geňeşmeler hakynda Teswirnama; Türkmenistan bilen Eswatini Patyşalygynyň arasynda diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak hakynda Teswirnama; Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi bilen Malawi Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň arasynda syýasy geňeşmeler hakynda Teswirnama; Türkmenistanyň Hökümeti bilen Slowakiýa Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Ylalaşyk; «Sanlylaşdyrmak esasynda üýtgedip gurmak arkaly sebitleýin arabaglanyşygy ösdürmek we «akylly» gümrügi döretmek» atly tehniki goldawy bermek boýunça Taslama resminamasy; şeýle hem «Merkezi Aziýada zorlukly ekstremizmiň öňüni almak üçin durnukly ýerli bilelešikleriň durnuklylygyny ösdürmek» taslamasynyň 2025-nji ýyl üçin iş meýilnamasy bar.

Maslahatyň çäklerinde bäş günüň dowamynda serginiň ýaýbaňlandyrylmagy DÇBÖBD-niň ykdysadyýetleriniň ösüşine toplumlaýyn çemeleşmäniň beýany boldy. Ondaky 25 sany sergi pawilýonynda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralarynyň işi we deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň, şol sanda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň kuwwatlyklary görkezildi. Bu diwarlyklar foruma gatnaşyjylary ýurtlaryň alyp barýan döwlet syýasaty, ykdysady sepgitleri, maýa goýum mümkinçilikleri, dürli halklaryň medeniýeti we däp-dessurlary bilen tanyşdyrdy. Ol ýurtlaryň arasynda köpugurly dialogy ilerletmek, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek, özara bähbitli täze hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmak we tejribe alyşmak üçin şertleri döretdi. Türkmenistanyň pawilýonynda görkezilen sergi gymmatlyklarydyr köpugurly maglumatlar Bitarap Watanymyzyň üstünlikleriniň beýanyna öwrüldi.

Awaza maslahatynyň çäklerinde geçirilen medeni çäreler onuň işewürlik gün tertibiniň üstüni ruhy mazmun bilen ýetirip, halklaryň we medeniýetleriň bitewüliginiň hem-de özara hormat goýmagyň aýdyň nyşany boldy. Dostlukly döwletleriň milli günleri, Hazaryň kenarynda guralan sahnalaşdyrylan edebi-sazly çykyşlar, dostluk konserti, milli tagamlaryň festiwaly medeni diplomatiýanyň ilerledilmegine, foruma gatnaşan ýurtlaryň halklarynyň taryhy we baý milli mirasy bilen ýakyndan tanyşmaga şert döretdi. Dostlukly ýurtlaryň amaly-haşam sungatynyň eserleriniň sergisi, deňiz çüwdürimleriniň interaktiw toplumynda sahnalaşdyrylan çykyşlar medeni gatnaşyklary işjeňleşdirmek, özara düşünişmek, nurana geljege tarap bilelikde tagalla etmekde hyzmatdaşlyk üçin täze mümkinçilikleri açmak bilen, olaryň geçmişini we şu gününi özara baglanyşdyrdy. Dostluk konsertine gatnaşyjylaryň bilelikde ýerine ýetirmeginde ýaňlanan «Awazanyň kenary — dost-doganlyk mekany» atly aýdym medeni-ruhy gymmatlyklaryň umumylygyny wasp edýän halklaryň döredijilik bitewüliginiň özboluşly nyşanyna öwrüldi.

Umuman, BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty köptaraply dialog hökmünde hem-de DÇBÖBD-niň meselelerini çözmek üçin netijeli Hereketler maksatnamasyny işläp düzmek üçin meýdança hökmünde Türkmenistan tarapyndan örän ýokary derejede guraldy. Onuň jemleri boýunça kabul edilen Awaza syýasy Jarnamasynda foruma gatnaşyjylar özleriniň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin ýola niýetlenen 2024 — 2034-nji ýyllar üçin Hereketleriň Awaza maksatnamasyny, onuň işini berkidiji bäş esasy ugruna laýyklykda durmuşa geçirmäge berk ygrarlydyklaryny beýan etdiler. Oňa düzümleýin özgertmeler, ylym, tehnika we innowasiýalar; söwda, söwda amallarynyň aňsatlaşdyrylmagy, sebitleýin integrasiýa; üstaşyr geçirmek, ulag we arabaglanyşyk; uýgunlaşmak mümkinçiliklerini pugtalandyrmak, sarsgynlyga durnuklylygy ýokarlandyrmak hem-de howanyň üýtgemegi, heläkçilikler babatda goragsyzlygy peseltmek; wezipeleri amala aşyrmagyň serişdeleri degişli edildi.

Jarnamada bellenilen çäreler ara alyp maslahatlaşmalaryň netijelerini, öňe sürlen teklipleri we kabul edilen çözgütleri iş ýüzüne geçirmäge gönükdirilendir. Resminamada käbir ýurtlaryň bildiren gyzyklanmasyny nazara almak bilen, oba hojalyk ylmy barlaglarynyň sebit merkezlerini döretmäge degişli Hereketleriň Awaza maksatnamasynda göz öňünde tutulan anyk netijeleri gazanmaga; deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin üstaşyr geçirmegiň erkinligi baradaky mesele boýunça ýokary derejeli bilermenler toparyny döretmäge; deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler üçin infrastrukturany maliýeleşdirmegiň guralyny döretmegiň mümkinçiliklerini öwrenmäge toplumlaýyn ygrarlylyk beýan edildi. Geljekki işiň we monitoringiň bar bolan ählumumy çäklere laýyk getirilen we milli, subregional, sebit, ählumumy derejede uýgunlaşdyrylan netijeli, birek-biregiň üstüni ýetirýän gurallarynyň Hereketleriň Awaza maksatnamasyny üstünlikli durmuşa geçirmek üçin möhüm ähmiýete eýedigi aýratyn bellenildi.

Halklaryň durnukly ösüşe we hemmeler üçin nurana geljege tarap umumy tagallalaryň daşyna jebisleşen ýagdaýynda parahatçylyk we ynanyşmak, dostluk hem-de hyzmatdaşlyk ýörelgelerini iş ýüzünde durmuşa geçirip boljakdygynyň aýdyň şöhlelenmesi Awazada geçirilen BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahatynyň möhüm üstünligi boldy.

**(TDH)**

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО ИСЛАМСКОЙ РЕСПУБЛИКИ ПАКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Исламской Республики Пакистан Асифу Али Зардари, Премьер-министру Исламской Республики Пакистан Миану Мухаммад Шахбаз Шарифу, а также всему народу страны по случаю национального праздника Исламской Республики Пакистан – Дня независимости.

«Мы высоко ценим отношения между Туркменистаном и Исламской Республикой Пакистан и выражаем уверенность, что они будут и впредь развиваться в интересах двух народов», – отметил глава государства.

Подчеркнув высокий уровень последовательного укрепления и совершенствования межгосударственного взаимодействия, Президент Сердар Бердымухамедов выразил уверенность в дальнейшем успешном развитии плодотворного и взаимовыгодного сотрудничества.

Пользуясь возможностью, глава Туркменистана адресовал Президенту Асифу Али Зардари и Премьер-министру Миану Мухаммад Шахбаз Шарифу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Исламской Республики Пакистан – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ РУКОВОДСТВО РЕСПУБЛИКИ СИНГАПУР

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Сингапур г-ну Тарману Шанмугаратнаму, Премьер-министру Республики Сингапур Лоуренсу Вонгу и народу страны по случаю Национального дня Республики Сингапур.

Отметив, что Туркменистан придаёт большое значение укреплению дружественных отношений между нашими народами, глава государства выразил готовность к совместной работе в целях дальнейшей активизации и развития эффективного сотрудничества между двумя странами во всех областях.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Туркменистана выразил Президенту Тарману Шанмугаратнаму и Премьер-министру Лоуренсу Вонгу пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Сингапура – мира, прогресса и процветания.

# ТЕЛЕФОННЫЙ РАЗГОВОР МЕЖДУ НАЦИОНАЛЬНЫМ ЛИДЕРОМ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЕМ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА И ПРЕЗИДЕНТОМ АЗЕРБАЙДЖАНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

10 августа состоялся телефонный разговор между Национальным Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым и Президентом Азербайджанской Республики Ильхамом Алиевым.

Тепло поприветствовав друг друга, Герой-Аркадаг и Президент Ильхам Алиев с удовлетворением отметили нынешний высокий уровень отношений между двумя странами.

В этой связи глава дружественной страны заявил, что с тёплыми чувствами вспоминает недавний визит Героя-Аркадага в Азербайджанскую Республику, который стал важным событием в истории двусторонних отношений.

В ходе разговора было подчёркнуто значение достигнутых договорённостей и документов, подписанных в ходе визита Президента Ильхама Алиева в Соединённые Штаты Америки. Герой-Аркадаг поздравил Президента и народ дружественной страны с достижением этих исторических соглашений.

Президент Ильхам Алиев искренне поздравил Героя-Аркадага и главу государства



с успешным завершением состоявшейся в Авазе Третьей Конференции ООН по развивающимся странам, не имеющим выхода к морю, и выразил признательность за оказанное гостеприимство азербайджанской делегации. Пользуясь случаем, глава дружественного государства передал Президенту Сердару Бердымухамедову свои тёплые приветствия и наилучшие пожелания.

Национальный Лидер туркменского народа, поблагодарив за добрые слова, сказал, что этот Международный форум является важным шагом в укреплении сотрудничества между странами, не имеющими выхода к морю, отметив, что азербайджанская делегация приняла участие в этой Конференции на высоком уровне.

В ходе беседы была подчёркнута значимость трёхсторонней встречи между Туркменистаном, Узбекистаном и Азербайджаном, проведённой в Авазе по инициативе Героя-Аркадага. В этой связи собеседники отметили наличие больших возможностей для дальнейшего расширения сотрудничества трёх стран по широкому спектру направлений, в частности, в сфере развития транспортно-коммуникационных коридоров.

Также отмечалось, что по инициативе Героя-Аркадага в Конгресс-центре «Аваза» состоялась встреча глав государств стран Центральной Азии, где обсуждались вопросы, связанные с предстоящей Консультативной встречей глав государств стран ЦА, которая пройдёт осенью в Ташкенте. В ходе встречи была озвучена инициатива Героя-Аркадага о присоединении Азербайджана к этому формату сотрудничества.

В рамках разговора стороны также обменялись мнениями по приоритетным направлениям двусторонних отношений.

Герой-Аркадаг, воспользовавшись случаем, пригласил Президента Ильхама Алиева посетить Туркменистан с визитом в любое удобное время.

В завершение телефонного разговора Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов и Президент Азербайджанской Республики Ильхам Алиев пожелали друг другу крепкого здоровья и успехов в государственных делах.

Телефонный разговор состоялся по инициативе азербайджанской стороны.

# SCIENTIFIC-PRACTICAL CONFERENCE ENTITLED “THE CASPIAN SEA – SEA OF FRIENDSHIP AND PEACE” WAS HELD

On August 11-12, 2025, celebratory events dedicated to the Day of Caspian Sea were held in the National Tourist Zone “Avaza”.

On the morning of August 12, the Scientific-practical conference entitled “The Caspian Sea – Sea of Friendship and Peace” has opened and was moderated by the Director of the Caspian Sea Institute Myrat Atajanov.

The opening of the conference was marked by a welcoming message from the esteemed President of Turkmenistan, Serdar Berdimuhamedov, addressed to the participants of the scientific-practical conference “The Caspian Sea – Sea of Friendship and Peace.”

The event was attended by official representatives of Turkmenistan, ambassadors of Caspian states accredited in Ashgabat, heads of representative offices of international and regional organizations, including the UN, OSCE, EU, as well as international experts.

In his speech, the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov noted Turkmenistan’s active and constructive role in promoting environmental issues in the Caspian region, in particular the Agreement on the Conservation and Sustainable Use of Aquatic Biological Resources of the Caspian Sea.



The importance of the Caspian Environmental Initiative, put forward by President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov at the plenary meeting of the 78th session of the United Nations General Assembly, was particularly emphasized.

During the Conference, Turkmenistan’s commitment to close cooperation with the Caspian states, international structures and institutions, as well as stakeholders on the whole range of Caspian issues was noted.

Reports on the most pressing issues, including priority areas of cooperation among Caspian states in the fields of hydrometeorology, protection and scientific study of the flora and fauna of the Caspian Sea, and compliance with environmental standards and regulations were heard at the Conference.

The participants of the Conference noted that the Caspian Sea is a sea of friendship and peace, and called for continued joint work aimed at strengthening and expanding international cooperation for the sake of sustainable development and protection of the Caspian marine environment.

In the final part of the Conference, the participants adopted an Appeal to the esteemed President of Turkmenistan.



# MEETING BETWEEN THE MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN AND THE AMBASSADOR OF JAPAN

On 14 August 2025, a meeting was held at the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan between the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov, and the Ambassador of Japan to Turkmenistan Hiroshi Sasaki.

During the meeting, the sides discussed issues related to Turkmen-Japanese cooperation.

The importance of high-level visits in further advancing inter-state relations was noted. In this context, the diplomats discussed the schedule of bilateral and multilateral meetings planned for the near future.



# В МИД ТУРКМЕНИСТАНА ОБСУЖДЕНЫ КЛЮЧЕВЫЕ АСПЕКТЫ ТУРКМЕНО-КИТАЙСКОГО СОТРУДНИЧЕСТВА

14 августа 2025 года в МИД Туркменистана состоялась встреча Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова с Чрезвычайным и Полномочным Послом Китайской Народной Республики в Туркменистане Цзи Шумином.

На встрече стороны с удовлетворением отметили высокий уровень развития туркмено-китайских отношений, по всем направлениям представляющим взаимный интерес.

Была отмечена важность регулярного диалога на высшем политическом уровне, что является ключевым фактором в укреплении двусторонних связей между Туркменистаном и КНР.

В этой связи стороны обсудили подготовку к предстоящим визитам и встречам как двустороннем, так и многостороннем форматах.

# AMBASSADOR OF THE REPUBLIC OF KOREA COMPLETES HIS DIPLOMATIC MISSION IN TURKMENISTAN

On August 11, 2025, a meeting was held between Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Ahmet Gurbanov and Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Republic of Korea to Turkmenistan Ji Kyu-Taek, who is completing his diplomatic mission in the country.

During the meeting, the parties assessed the current level and prospects for the development of Turkmen-Korean bilateral cooperation. The diplomats touched upon the development of relations in the political-diplomatic, trade-economic, cultural and humanitarian spheres.

The Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan expressed gratitude to the Ambassador of the Republic of Korea for his personal contribution to strengthening bilateral ties and wished him success in his future activities.

In turn, the Ambassador expressed sincere gratitude to the Turkmen side for its comprehensive support and assistance in the fulfillment of his diplomatic mission.

# В МОСКВЕ СОСТОЯЛАСЬ ТОРЖЕСТВЕННАЯ ЦЕРЕМОНИЯ СТАРТА СПОРТИВНОГО ТУРНИРА «ИГРЫ ДРУЖБЫ ООН – 80»

Недавно (4 августа 2025 года) в Московском государственном институте международных отношений (университет) МИД Российской Федерации (МГИМО) состоялись торжественная церемония старта спортивного турнира «Игры Дружбы ООН – 80», а также прошедший в его рамках дружеский шахматный турнир.

Шахматный турнир, организованный Посольством Туркменистана в Российской Федерации, Российской Ассоциацией содействия ООН, Информационным центром ООН и Общественным комитетом ООН – 80, был приурочен к «Международному году мира и доверия», объявленному по инициативе Туркменистана при соавторстве более 80 стран мира, в том числе и России.

В мероприятии приняли участие общественные деятели, представители дипломатического корпуса, школьники, студенты и молодежные лидеры МГИМО МИД России.



Церемония открытия началась с приветственного слова Министра иностранных дел Российской Федерации С.В.Лаврова.

Затем в ходе церемонии выступили Председатель Российской ассоциации содействия ООН, ректор МГИМО МИД России, академик РАН, профессор А.В.Торкунов, директор Информационного Центра ООН В.В.Кузнецов, Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана в Российской Федерации Э.М.Айдогдыев, а также советский и российский хоккеист, Посол доброй воли ООН В.Фетисов.

В своем выступлении Э.Айдогдыев отметил, что одним из важнейших направлений международной деятельности Туркменистана является спортивная дипломатия. Спорт на службе мира, доверия и взаимопонимания – таков смысл проводимой руководством Туркменистана стратегии спортивного сотрудничества. В этом году вместе с мировым сообществом Туркменистан отмечает такие важные даты, как 30-летие постоянного Нейтралитета страны, 80-летие Победы, а также 80-летие создания ООН. Кульминацией мероприятий в честь 30-летия Нейтралитета Туркменистана станет проведение в декабре в Ашхабаде Международной конференции с участием высоких представителей из десятков государств мира и международных структур.

В выступлениях была подчеркнута значимость принятия в ходе 78-й сессии Генеральной Ассамблеи ООН инициированной Туркменистаном и Индией резолюции «Игры дружбы Организации Объединенных Наций», было сказано о роли Туркменистана в укреплении мира, дружбы и взаимопонимания между странами и народами. Отмечено, что предстоящее мероприятие призвано стать символом объединения через спорт, культуру и дипломатическую коммуникацию, укрепляя принципы мира, взаимопонимания и международного сотрудничества.

В шахматном турнире приняли участие более 30 человек, включая представителей дипломатического корпуса, студентов и воспитанников спортивных школ. По завершении турнира состоялась церемония награждения: участникам были вручены памятные дипломы, а победителю турнира – Кубок Игр дружбы.

Игры дружбы ООН продолжатся в сентябре 2025 года турнирами по футболу, теннису и шахматам.

## НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Обсуждены перспективы туркмено-пакистанского взаимодействия в финансово-экономической сфере***

11 августа 2025 года посол Туркменистана в Исламской Республике Пакистан А.Мовламов встретился с федеральным министром финансов и доходов Пакистана, сенатором Мухаммадом Аурангзебом.

В ходе встречи стороны обсудили широкий спектр вопросов, касающихся текущего состояния и перспектив развития двустороннего сотрудничества в финансово-экономической сфере.

Подчёркивая дружественный характер туркмено-пакистанских отношений, собеседники выразили обоюдную заинтересованность в дальнейшем углублении партнерства, направленного на реализацию взаимовыгодных проектов и инициатив.

Особое внимание было уделено вопросам ускорения реализации проекта ТАПИ, а также расширения торгово-экономических связей, стимулирования взаимных инвестиций и создания благоприятных условий для деловой активности.

По итогам встречи стороны подтвердили взаимную приверженность развитию плодотворного партнерства, выразив уверенность, что реализация совместных инициатив будет способствовать устойчивому социально-экономическому росту и укреплению взаимовыгодных связей между Туркменистаном и Пакистаном.

***Посол Туркменистана принял участие в мероприятиях, посвященных 80-й годовщине атомной бомбардировки японских городов Хиросима и Нагасаки***

Посол Туркменистана в Японии А.Байрамов принял участие на состоявшихся 6 августа 2025 года в г. Хиросима и 9 августа 2025 года в г. Нагасаки мероприятиях, посвященных 80-й годовщине атомной бомбардировки этих японских городов.

В мероприятиях приняли участие Премьер-министр Ш.Ишиба, члены Кабинета Министров, руководство и депутаты парламента, представители международных организаций, а также руководители дипломатических представительств, аккредитованных в Японии.

В ходе памятных мероприятий было уделено внимание вопросам отказа от использования ядерного оружия и прекращения международных конфликтов.

Руководство городов Хиросима и Нагасаки выступили с призывом к главам государств создать структуры безопасности, основанные на доверительных отношениях, выстроенных посредством диалога.

По итогам мероприятий в городах Хиросима и Нагасаки была принята мирная декларация, которая, в числе других, призывает японское правительство подписать и ратифицировать Договор о запрещении ядерного оружия и призывает мировых лидеров представить конкретную дорожную карту по ликвидации ядерного оружия на конференции по рассмотрению выполнения Договора о нераспространении ядерного оружия (ДНЯО) в 2026 году.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***